Berkarar döwletiň Täze eýýamynyň Gallkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygy bilen ýurdumyzyň ähli pudaklarynda sanly ulgama geçmek işleri üstünlikli alnyp barylýar. Ýurdumyzyň durnukly ösmeginiň, Watanymyzyň barha kuwwatlanmagynyň hatyrasyna ýaşlaryň gurujy, döredijі, oýlap tapyjy, ösen aň-düşünjeli intellektual derejesini kemala getirmek häzirki döwrüň möhüm aýratynlygydyr. Bu aýratynlyk ykdysadyýetiň ähli ugurlary bilen bilelikde, onuň ösmeginde esasy hyzmaty ýerine ýetirýän bilim ulgamynyň bazar gatnaşyklary şertlerinde dünýä ülňülerine laýyk döwrebaplaşdyrylmagy bilen şertlendirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň bilim ulgamyna sanly serişdeleriň ornaşdyrylmagy, döwrebap bilim portalynyň herekete girizilmegi bilim işgärleriniň mümkinçiliklerini üzül-kesil artdyrdy. Ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmegiň maksatlarynyň bilim edaralarynyň işiniň kämilleşdirilmegine gönükdirilmeginiň, olaryň ýokary hilli elektron maglumatlar bilen üpjün edilmeginiň, täze tehnologiýalardan peýdalanylmagynyň, bilim berlişiniň hiliniň talap edilýän derejesine ýetirilmeginiň esaslary 2017-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy” arkaly dolandyrylýar.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň esasy maksady ýurdumyzyň innowasion ösüşine laýyklykda bilim bermegiň ähli basgançaklarynda okatmagyň maksatnamalaryny ýokary hilli elektron maglumatlar bilen üpjün etmek hem-de uzak aralykdan bilim bermek arkaly bilim ulgamyny kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Häzirki zaman jemgyýet soňky onýyllykda maglumat jemgyýetine öwrülip, ýokary depginde hereketli häsiýete eýe bolýar. Bu bolsa maglumatlara we hyzmatlara elýeterliligiň ulanyjylar üçin, olaryň nirede we haçan bolýandygyna garamazdan, hemişelik esasda üpjün edilýändigini aňladýar.

Sanly bilim ulgamynyň maglumat giňişligini döretmekde we mundan beýläk ösdürmekde bilim gorlarynyň we hyzmatlarynyň ileri tutulmagyny üpjün etmek zerurdyr. Sanly bilim şertlerinde tehniki serişdeler diňe bilim gorlarynyň we hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün edýän gurallar bolup durýar.

Häzirki döwürde milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetmek, elektron senagatyny ösdürmek we maglumat aragatnaşyk tehnologiýalaryň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek maksady bilen döredilýän şertler häzirki wagtda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz we Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýär.

Все права защищены

**Orazmämmet ORAZOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallym öwrenijisi**

Все права защищены